# Edebi ýañsylamalar

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Edebi ýañsylamalar EDEBI ÝAÑSYLAMALAR

- **Aýdyp durka…**

*«Aýdan däldir meniñ aýtjak sözümi.»*
*(Kerim Gurbannepesow).*

«Meñ aýtjagymy aýdan ýok.»
(Isa Annataganow).

Iller-günler, bu ýagdaýy görsene,
Goşgularam boljak eken «tersine».

Aýdylany aýdan ýok,
Aýdyljagam aýdan ýok.
Aýdyp durka özgäni
Aýdýandyryn öýden ýok…

- **Ynjalyksyz şahyrlara**

*«Dynç alma ýok şahyra.»*
*(Kasym Nurbadow).*

«Hiç mahal dynç alyp bilenok şahyr.»
(Atamyrat Atabaýew).

Hiç mahal dynç alyp bilmez şahyrlar,
Dynç alma ýok şahyrlara.
Özüñiz beled-ä… Şeýdäýmeseler
Ynjalma ýok şahyrlara.

Seýitmämmet HYDYROW.

«Watan» gazeti, 20.07.1996 ý. Goşgular